# TUT AGAJYM

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
TUT AGAJYM TUT AGAJYM

Şahalaryň has-da egýän ýalydyň,
Bizi del gözlerden gizlejek bolup,
Gürläsiň gelse-de dymýan ýalydyň,
Aşyk-magşuklary diňlejek bolup.

Özgelerden howalydyň has beter,
Ýar golundan tutup okamda şygyr,
Ýap boýunda baglar bolsa-da hatar,
Men seniň goýnuňda çekipdim şöwür.

Oturardym hyýalymda gürleşip,
Ýar gelinçä saňa içim aýdardym,
Bir pursat dyzlaşyp, ýary ugradyp,
Seniň bilen sagbollaşyp gaýdardym.

Indi ýolum düşüp geçýän kä mahal,
Men-ä ýaş ýigit däl, ýaram ulygyz,
Saňa nazar salyp eglensem sähel,
Maňa ýatlamalar epdirip dur dyz.

Ýara diýen süýji-süýji sözlermi,
Misli bu gün maňa gaýtalap berýäň,
Ulygyzyň bagtdan doly gözlerni,
Ýatlamar bilen gaýtaryp berýäň.

Seni sypalaýan sypan dek ýary,
Duýýan galpyldaýan gyzyň synasyn.
Uzakda galypdyr ýaşlyk kenary,
Armanlar doldurýar didäm hanasyn.

Gözüm düşýär täze aýak yzlarna,
Bir jüp kiçijek yz, bir jüp-de uly,
Egilýän elimi diräp dyzlarma,

Aýak yzlaryndan hantama ýaly.

Köwüşleň ökjesi çümüpdir ýere,
Ýaryň basan yzlaryna meňzeş däl,
Bilen ýaly bolýar tendäki ýara,
Tut agajym seniň gujagyň boş däl.